# Magtymgulynyň poemalarynda beýan edilýän dini rowaýatlar

Category: Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magtymgulynyň poemalarynda beýan edilýän dini rowaýatlar
MAGTYMGULYNYŇ POEMALARYNDA BEÝAN EDILÝÄN DINI ROWAÝATLAR



Garaşsyzlyk ýyllarynda Magtymgulynyň şygyrlary iki gezek dolulygyna toplanyp çap edildi we halk köpçüligine ýaýradyldy. Birinji gezek 1992-1996-njy ýyllarda Magtymgulynyň şygyrlarynyň üç tomlugy çap edildi. Ikinji gezek 2013-nji ýylda Magtymgulynyň 290 ýyllyk ýubileýi mynasybetli eserler ýygyndysy dolulygyna toplanyp, iki jiltligi çap edilip halk köpçüligine hödürlendi. Soňky çap edilen Magtymgulynyň iki jiltlik eserler ýygyndysy ilkinji çap edilen şygyrlar ýygyndysyndan düýpli tapawutlanýar. Hususanda birinji gezekde çap edilen uly göwrümli 10 sany şygyrlary poema hökmünde saýlanyp ikinji jiltiň ahyrynda ýerleşdirilipdir. Bu poemalar şulardyr: 1. “Ak it”, 2. “Çakyr kelle”, 3. “Atly ýaranlar”, 4. “Gökje kepderi”, 5. “Wagyz”, 6. “Jan içinde”, 7. “Içinde”, 8. “Magşarnama”, 9. “Artsa gerekdir”, 10. “Ötgül Pyragy”.

Bu poemalardan “Jan içinde”, “Içinde” atly poemalarda haýwanlaryň, ösümlikleriň ýaşaýyş, iýmitleniş babatda biri-birinden aýratynlygy beýan edilýär. “Magşarnama” we “Artsa gerekdir” atly poemalarda ahyrzaman golaýlanda boljak ýowuzlyklar barada gürrüň edilýär. Magtymguly “Ötgül Pyragy” atly poemasynda bolsa özüniň şygyr düzüp halka galdyrandygyny, halka hyzmat edendigini nygtamak bilen başgalary hem halka hyzmat etmeklige çagyrýar. Magtymgulynyň galan bäş sany: 1. “Ak it”, 2. “Çakyr kelle”, 3. “Atly ýaranlar”, 4. “Gökje kepderi”, 5. “Wagyz” atly poemalarynda dini rowaýatlar beýan edilýär. Hususanda “Atly ýaranlar” atly poemada Ýusup pygamber bilen baglanyşykly rowaýat beýan edilse, galan dört poemada Alynyň rehimdarlygy, edermenligi wasp edilýär. Bu poemalarda beýan edilýän wakalar Magtymgula düşünmäge çalyşýan hiç bir okyjyny biparh goýmaýar. Hut şonuň üçin hem bu rowaýatlary öz sözüm bilen beýan etmäge synanyşaýyn. Magtymgulynyň “Ak it” atly poemasy 45 bentden ybarat bolup, onda Alynyň rehimdarlygy wasp edilýär. Onda şu waka beýan edilýär:

Alynyň işigine bir gedaý gelip gol gowşuryp haýry dogalar etdi. Ol Ala: “Aýalym bardy, syrkawlap öldi. Bir ýaş gyzym galdy. Men musulman, sünnetim bar, parzym bar. Bir jöhide 40 müň tylla bergim bar. Maňa kömek ediň” diýdi. Aly bir baý jöhide baryp: “Maňa 40 müň tylla ber. Iki oglumy girew goýaýyn” diýdi. Iki ogly Hasan bilen Hüseýini girewine goýup jöhitden 40 müň tyllany karz aldy. Aly alan puluny gedaýa getirip berdi. Gedaý begenip, köp ýagşy dogalar aýdyp gitdi. Indi habary kimden al. Baý jöhitden al. Alynyň eden işini eşidip kapyr, musulman ähli geň galdy. Bir baý jöhit muňa ynanman müňkürlik etdi. Ol jöhit şol gün ýatyp, irden turanda ite öwrülip turdy. Ol akly ýerinde ak it kellesini süsňedip gabsany açdy. “Waý meniň bagtyma” diýip puşman edip gözýaş dökdi. Çäre tapman işikden girdi. Aýaly, çagalary ukudady. Jöw-jöwläp, aýalynyň maňlaýyna ýüzüni goýdy. Aýaly tisginip turdy. Çagalaryny oýardy. “Öýde it bar” diýip, hersi bir taýak salyp iti kowdular. It alajy gurap öýden daşaryk çykdy. Gözýaş döküp aýalyna bakdy. Aýaly haýran galdy. It hiç ýere gitmedi.

Aýaly ite rehimi inip çörek berdi. Çörek gudrat bilen daşa öwrüldi. Suw berip gördüler. Ol gana öwrüldi. Hemmeler haýran galdy. Iti “Ýit, ýit” diýip kowdular. Ak itiň endamyna ýara düşüp, itlerden gaçyp Berrimežnun atly çöle çykdy. Suwsuzlykdan agzy-burny kepedi. Köp wagtlap dilini sallap

gezdi. Aýalyň göwnüne köp pikir düşdi. Ol: “Meniň ärim niredekä? Aýym tutulyp, Günüm ýaşdy. Ärimden derek ýok” diýip içini gepletdi. Ol bir garry mamanyň ýanyna baryp pal atdyrdy. Mama oňa: “Seniň äriň Alynyň eden işine müňkürlik edeni üçin ak ite öwrülipdir” diýdi. Onda aýal diýdi:
– Mamajan maslahat ber. Men ärimi nädip gola salaryn.
– Berrumežnun çölüne baryp ak iti tap. Ol çölde başga it ýokdur. Tapsaň boýnuna ýüp salyp Medinede Muhammet pygambere görkez.
Aýal palçydan bu sözi eşidip, Berrimežnun çölüne gitdi. Ak iti gözläp tapdy. Boýnuna ýüp salyp Medinede Muhammet pygamberiň ýanyna getirdi.
Muhammet pygamber:
– Bu nä syr – diýip sorady. Aýal:
– Ala müňkür bolansoň, ärim ak ite öwrüldi. Şonuň üçin siziň ýanyňyza alyp geldim. Kömek ediň-diýdi.
– Boljak işi ediň. Bu ýerden gidiň. Müňkür bolan bolsa, Ala elt. Özi näme etse, özi biler. Aýal ak iti süýräp Alynyň ýanyna eltdi. Ol Ala:
– Şu meniň ärim. Size müňkür bolansoň, ak ite öwrüldi. Ony siziň ýanyňyza getirdim. Ýüzügaranyň günäsini bagyşlaň. Ygtyýar sizde –diýdi. Alynyň bu aýala rehimi indi. Ol ite “Eý müňkür” diýip şapbat çaldy. Ol adam sypatyna geldi. Jöhit müňkürlik edenine puşman etdi.
Är-aýal kelemesini öwrüp musulman boldular. Olar maksat-myradyna ýetdiler. Magtymgulynyň “Çakyr kelle” atly poemasy 67 bentden ybarat bolup, onda Alynyň rehimdarlygy we edermenligi wasp edilýär. Onda şu waka beýan edilýär:
Muhammet Pygamber ashaplary (egindeşleri) bilen metjitde otyrdy. Şol wagt tokurdap bir kelle gelip metjidiň işiginde durdy. Pygamberiň Selman Parsy atly çadyr sakçysy bardy. Pygamber oňa: «Eý Selman çykyp gör, ses barla» diýdi. Selman işikden çykyp gördi, görse kelle aglap dur. Selman işikden girip gören zatlaryny atdy. Pygamber oňa “Kelläni alyp gel” diýip buýurdy. Selman kelläni alyp geldi. Kelle Pygambere garap, aglap başdan geçirenlerini aýtdy: «Men kapyrdym. Bir gije düýşümde sizi gördüm. Ukudan oýanyp, özüm musulman boldum. Oglan uşaklarymy hem kelemesini öwürdip musulman etdim. Gazgyrypben atly bir döw ýurdumyza patyşa boldy. Oňa biziň musulman bolanymyzy aýtdylar. Patyşa bize köp azarlar berip, zyndana saldy. Meniň jesedimi ol döw – Patyşa iýdi.

Kellämi goýdy. Çagalarymyň hemmesini ýuwutdy. Aýalymy hyzmatkär edip aldy. Aýalym döwüň bitini çöplärdi. Onuň her biti pyşbaga ýalydy. Men çaýdan çykyp, gaçyp gaýtdym. Bize kömek ediň. Maňa kömek edip arymy alyp bermeseň, dawagärim sensiň – diýdi. Pygamber üç gezek.
– Eshaplary baryň. Zalymdan onuň aryny alyň. Hudaý üçin janyňyzy pida ediň – diýdi. Eshaplar sesini çykarmady. Üçünji gezekden soň Aly:
– Men gideýin – diýdi. Onda Pygamber diýdi:
– Saňa näçe adam gerek?
– Maňa bäş ýüz adam ýeterlik – diýip Aly sahabalardan bäş ýüz adamy saýlap, kelläni öňlerine salyp ýola düşdüler. Kesik baş ýolda Gurhany hatym etdi. Bir çaýyň ýanynda gury kelle sakga durdy. Hemmeler şol ýere barandan soň Aly gury kelleden sorady:
– Bu niçik çaý?
– Döwüň çaýy.
– Meniň bilime ýüp daňyp, şol çaýa salyň. Hudaýa töwekgel, takdyrda näme baryny görüň – diýip, biline ýüp daňyp guýa girdi. Guýy garaňkydy. Olar Hudaýa mynajat okady. Döw bu wagt ukudady. Ol döwüň şekilini görüp haýran galdy. Ol:
– Men bu döwi öldürerin. Ýöne ony ýatyrka öldürsem namart bolaryn – diýip döwi oýatmakçy boldy. Döwüň kellesi gümmez ýaly, göwresi minara ýaly, her gyly çynaryň bir şahasy ýaly, barmaklary piliň boýny ýalydy. Döw hor çekip ýatyrdy. Demini içine soranda tozanlar girip, demini goýberende goýberen tozanyndan Aý Gün görünmeýärdi.
Aly zülpükaryn çykaryp döwüň aýagyndan ýuwaşrak saldy. Gylyç aýaga 4 barmak girdi. Döw: «Çybyn bar, çybyn ýaman eken» diýip gaşandy. Aýagyny uzadyp, ýene ýygyrdy. Ýene uka gitdi. Aly gazap bilen döwüň ýüzüne şapbat çaldy. Döw gözüni açyp Alyny gördi. Ol ukudan oýanyp, begenip: «Dişimiň dermany geldi» diýdi. Aly oňa «Men seniň agzyňa sygman» diýip syýasat etdi. Döw müň batmanlyk degirmen daşy alyp Ala zyňdy. Oňa: «Indi gutulmarsyň» diýdi. Aly daşdan sowulyp ýetişdi. Daş yzyna gaýdyp özüne degdi. Döw seňseledi. Aly zülpükary bilen «Bissimilla» diýip daşa saldy. Ol ikä bölündi. Döw ýaralandy. Döw «Ýalat – ýalat» diýip jan berdi. Gury kelle begenip Alynyň ýanyna geldi. Kelle Ala:
– Ýagşy iş etdiň, meniň arymy aldyň. Zorlugyň äşgär boldy – diýdi. Ol ýene Ala: – Garnyny, süýeklerini, agzalaryny parala.

Ol perzentlerimi ýuwudypdy – diýdi. Aly döwüň garnyny ýardy. Ondan kesik başyň bir ogly çykdy. Salamat eken. Kyrkgarny ýardy. Ondan gury kelläň bir gyzy çykdy. Salamat eken. Çep elini kyrkgarna çenli dildi. Ondan kesik başyň ýene bir ogly gülüp çykdy. Ýene bir ýerden kesik başyň aýalyny çykardy. Ol öň döwüň bitini gözlärdi. Aly sahawalara: ,,Ýüp oklaň. Bulary guýudan çykaryň» diýdi. Sahawalar olaryň hemmesini çekip çykardylar. Kesik başyň göwresini hem çykardylar. Aly tähäret kylyp, Hakdan hajat diläp namaza durdy. Hudaýa ýalbaryp namazyny bolansoň, kelläni göwrä goýdy. Hudaýa ýalbaryp doga okady. Janyny bagyşla diýip ýalbardy. Sahabalar hem doga okap, goldap omyn diýdiler. Kelle direlip, göwre asgyryp turdy. Ala tagzym etdi. Olar şat boldular.
Aly sahabalara geňeş saldy. Aly 500 sahaba, çakyr kelle, aýaly, iki ogly, bir gyzy hemmesi Medinä bardylar. Pygambere tekbir aýdyp ýanyna bardylar. Kelle Pygambere tagzym kyldy – ,,Ýa Resul, arymy aldyňyz, size rahmet bolsun» diýdi. Hemmesi musulman boldular. Şeýdip Aly din ugrunda tükenmez işleri bitirdi.
Magtymgulynyň “Atly ýaranlar” atly poemasy 21 bentden ybarat bolup, onda Alynyň rehimdarlygy we edermenligi wasp edilýär. Bu poemada Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasyl Enbiýa” atly kitabyndaky Ýusup pygamber baradaky rowaýat beýan edilýär. Bu rowaýat şeýle: Ybraýym Halylyň ogly Yshak, Yshagyň ogly Ýakup, olar ýalawunç urugyndan. Ýakubyň 12 ogly 6 gyzy bardy. Ýusup Ýakubyň 12-nji – körpe ogludy. Ýusup ýedi ýaşynda geň düýş gördi. Ýakup Ýusuby beýleki ogullaryndan has eý görýärdi. Çünki Ýusup 12 ýaşyndaka ejesi aradan çykyp, şondan soň eje mährini görmändi. Ýakubyň Ýusuby beýleki doganlaryndan eý görýändigi üçin, Şemgun, Rubil diýen doganlary Ýusuby bir çaýa (guýa) atdylar. Bir möjegi tutup ,,Ýusuby şu möjek iýdi” diýip Ýakubyň ýanyna getirdiler. Ýakup pygamber doga okady. Möjek adam dilinde gürledi: ,,Üç gün bäri çagamy gözleýän, tapamok” diýdi.
Ýusup üçin Hak – Hudaý Jebraýyla emr etdi, ol Ýusuby 3 gije –gündiz tämiz saklady, Aý, Gün, ýyldyzlar Ýusuba köp tagzym etdiler.
Müsürden Şama gelýän kerwen şu guýynyň golaýynda düşledi. Beşir, Beşer atly iki gulam guýa gowa sallap çekenlerinde, Ýusuby guýudan çykardylar. Olar Ýusuby hojalaryna eltdiler. Hoja –Mälik tüçjar ony Kengana alyp bardy. Gul bazarynda gul

edip satdy. Ol ýurduň patyşasynyň ady Ryýan Mälikdi, weziriniň ady Azyz Gerekdi. Olar Ýusuby Züleýha üçin satyn aldylar. Mälik tüçjar olara Ýusuby 18 ýarmaga satdy.
Şäheriň ortasynda tagt gurup gymmat baha goýup, Ýusuby Züleýha satdylar. Züleýha Ýusuba aşyk boldy, zenanlar köp mekirlik etdi. Ýusup köp wagtlap zyndanda ýatdy. Ýusup zyndandaka, arassa, päk bolansoň, oňa Allatagaladan pygamberlik derejesi berildi. Zyndandaka adamlary Allatagala uýmaga çagyrdy. Zyndanda ýatan iki adamyň biriniň zyndandan çykjakdygyny, ikinjisiniň öldüriljegini öňünden aýtdy. Şundan soň ol Müsür patyşasynyň düýşüni dogry ýorany üçin zyndandan boşadyldy. Ol ýurtda ýedi ýyl gurakçylyk boljagyny öňünden aýtdy. Müsür patyşasy ony özüne wezir edip aldy. Gahatlyk bolanda Ýusubyň doganlary azyk gözläp Müsüre bardy. Ol Binýamin atly doganyny alyp galyp doganlaryna azyk berip goýberdi. Aýraçylykdan Ýakubyň gözi kör bolupdy. Ol doganlaryny hem kakasy Ýakuby ýanyna göçürip getirdi. Doganlarynyň günäsini bagyşlady. Hemmeler musulman boldy. Ýusup ýurtda patyşa boldy.
Ýusupdan galany dünýäden ötdi. Olar köp wagt aýşy eşretde ýaşadylar.
Magtymgulynyň “Gökje kepderi” atly poemasy 24 bentden ybarat bolup, onda Alynyň rehimdarlygy wasp edilýär. Onda şu waka beýan edilýär:
Bir gün Murtaza Aly arkasyny mähraba berip, uly –kiçi sahabalary ýygnap, olara kitap okap berýärdi. Bir gökje kepderi gelip Ala tagzym etdi, adam dilinde gürläp başlady: «Salamäleýk Ýa Aly. Saňa janym gurban bolsun. Sen dinim imanym! Pylan ýerde äşýanym – höwürtgäm bar, ýaş çagam bar. Hudaýyň penasynda, sähralarda, harmanlaryň gyrasynda däne çöpläp, höwürtgäme eltýärin, çagamy naharlaýardym. Şeýdip çagam bilen meşgul bolup ýörkäm bir laçyny gördüm. Onuň niýeti meniň janymy almak. Gorkup, birahat boldum, şirin janymdan el üzdüm. Meni gutar – halas et Aly!” diýdi. Aly kepderä ýeňini uzadyp ony ýeňine saldy. Şol pursat laçyn gelip Ala arzyny diýdi: «Salawmaleýk Ýa Aly! Dagy – daşy eläp, her säher – ir bilen aw awlaýardym. Bir kepderi kowalap ýördüm, weli seniň ýanyňa geldi. Men üç gün bäri aç. Awumy ber!” Aly Gambar atly hyzmatkärini çagyrdy. Ol tagzym edip «Bizi çagyrdyňyz. Näme hyzmat?” diýdi. Aly Gammara: «Hanjar alyp gel!” diýdi. Laçyn aljyrap: «Siz hanjary näme etjek?” diýip sorady. Aly ,,Men size budumdan et bereýin. Ýöne kepderini dileme” diýdi.

Hanjary getirdiler. Hanjar gynyndan çykanda laçyn onuň golundan tutup: «Kesme, Ýa Aly! Bu et bize haramdyr. Seniň keremiň güýçlüdir” diýdi. «Meni laçyndyr öýtme, ony hem kepderidir öýtme! Sizi synamak üçin bizi Hudaý iberdi” diýdi. Şundan soň olar şadan – Alydan rugsat diläp ikisi bile asmana uçup gitdiler. Magtymgulynyň “Wagyz” atly poemasy poemalaryndan iň uly göwrümlisidir. Poemadaky waka “Çakyr kelle” atly poemada beýan edilýän wakanyň dowamydyr. Ol 86 bentden ybarat bolup, onda Alynyň rehimdarlygy we edermenligi wasp edilýär. Onda şu waka beýan edilýär: Juma güni Muhammet pygamber wagyz aýdýardy. Münberiň ýanynda 33 müň sahaba üýşdi. Ol şonda wagyzda: «Hudaý üçin beren bir malyň on bolup yzyna gaýdyp geler» diýdi. Bu sözi eşiden soň Aly: «Öýe baryp Alla üçin az-u köp bir zatlar bereýin» diýip oýlandy. Öýüne bardy. Aly aýaly Zöhrä: «Teňňäň bolsa ber, peýda görjek bolýan» diýdi. Zöhre: – Bir dirhem hem ýok. Eger bolsa tagam – nahar, nan aljak. Iki nury didäm – iki oglum gün ýarym aç»- diýdi. Aly »Ýa, Suhan» diýip, delmuryp gapa çykdy. Onuň ýanyna bir dilegçi gedaý geldi. Ol gedaý: – Meniň aýalym öldi. 40 müň tylla bergim bardy. Şirhara atly gyzym bardy. Ony alyp galdylar. Öýüm weýran boldy. Şeýle ýaman güne düşdüm, kömek et- diýip ýalbardy. Aly gedaýa «Gal» diýdi. Oglanlaryny çagyrdy. Bir baý jöhidi çagyryp «Şu gedaýyň bergisine derek meniň ogullarymy puluň taýyn bolynça al» diýdi. Jöhit pul berip Alynyň iki ogluny girew alyp galdy. Gedaý bolsa şat bolup gitdi.

Patmanyň iki oglunyň girewe berleninden habary ýokdy Alynyň inisi jöhütden »Bu oglanlar sende näme işleýär?» diýdi. Onda jöhüt:

– Bu oglanlary seniň agaň maňa satdy. Indi men bulary pulum taýyn bolynça gul edip ulanjak – diýdi. Inisi:

– Agam, bu oglanlary Hezret Aly gelýänçä oňat saklaweri. Ol ahyr bir iş bitirip geler – diýdi. Jöhit onuň diýenini etmedi. Onuň 33 gulaç ýüp ýetmeýn 40 gulaç çuňlukda guýusy bardy. Ol Alynyň iki ogluna:

– Guýa ýüpsüz girip küýze bilen suw getiriň-diýip buýurdy. Alynyň iki ogly küýzäni göterenden ony Jebraýyl perişde gördi. Mikaýyl ýeri sykdy. Guýy çeşme ýaly akdy. Iki oglan küýzäni suwdan dolduryp jöhide eltip berdiler. Ol küýzedäki suwy huma guýdy. Suw köpelip çaý dolup, düze akdy. Jöhit bu gudratdan gorkup aglady. Ol Alynyň ogullaryna naz-nygmat berip hyzmat

etdi. Alynyň 2 ogluna «Bikarar bolmaň» diýdi. Şeýdip şazadalar salamat boldy.

Aly tehäret kylyp, 2 rekagat namaz okady. Onuň ýanyna boýny mermer hünjüli, owadan guş geldi. Aly bu guşy tutup üstüne mündi. Şol wagt «Berk tut» diýip owaz geldi. Guş Alyny alyp göge galdy. Ol Alyny ülkeden daş bir ýerede düşürdi. Bu ülkäni görüp Aly geň galdy. Onda diňe aýallar bardy. Aly sorady:

– Näme siz beýle köp hem hemmäňiz aýal?

– Bu gün aýt mahaly. Adamlar metjitde, mallar köp.

Aly tehäret edip adamlaryň arasyna girip bir çetde oturdy. Dini düzgünleri öwüt berýän – wagyz münbere çykdy. Ol gepläp bilmän aglady. Şa, wezir, halklar «Wagyz aýdyň. Il size intizar» diýdiler. Wagyz:

– Ägä boluň, patyşa, wezir! Şu ýerde Muhammet pygamberiň ýarany bar. Şonuň üçin wagyz edip bilemok. Onda şol ýerden iller diýdi:

– Muhammet bolsa ony set-para ederdik. Eger Ahmedi tapsak ony bed-ýok ederis. Ol uz gürläp, altmyş ili aldap, ata-baba ýoldan azaşdyrdy. Wagyz aýtdy:

– Men ol ärden gorkýan. Eger isleseňiz men ony münberden çagyraýyn. Ol özüni äşgär eder. Halk wagza gulak asdy. Halk onuň äşgär bolmagyna garaşdy. Wagyz aýtdy: – Hakyň gudraty bilen Pygamberiň ýarany-batyr – fet, özüňi bildir. Saňa 12 sowalym bar. Eger özüňi bildirip, sowallaryna jogap berseň, köp-köp mal bereýin. Alynyň gahary gelip, ýerinden turup, wagyzyň ýanyna bardy, hem: – Menem Ahmede ýar (Muhammet Pygamberiň ýarany). Men bu ýeriň niredigini bilemok. Ýöne takdyryň guludyryn. Näme sorasaň sora, soň meniňem saňa 3 sowalym bar – diýdi: Wagyz diýdi:

– Gaharyň gelmesin, juwan. Aýdyşara tabym ýok. Okar ýaly kitabymam ýok. Jogabym aýtsa, men soraglarymy birden bererin. Kapyr sorag berdi. Ol “Bir nedir iki bolmaz, iki nedir üç bolmaz” diýen ýaly yzygiderlikde 12 sowal berdi. Aly şeýle jogap berdi:

– Taňry birdir, iki bolmaz.

Asmandan şöhle saçyp

Ýeri ýagtyldýan Aý,

Gün ikidir, üç bolmaz.

Namazyň üç witri bar, dört bolmaz.

4 enasyr – 4 çahar, 4 tarap (gündogar, günbatar, günorta,

demirgazyk) 5 bolmaz. 5 wagt namaz 6 bolmaz.
6 jähet – 6 ugur (4 tarap we aşak, ýokary) 7 bolmaz
7 dowzah 8 bolmaz.
8 jennet 9 bolmaz.
9 pelek, 9 gat asman, 10 bolmaz.
10 hajyýan işi hup, hajyýan- hajy bolup gelenler, hup-söýgüli, hajy bolup gelen 10 şahsyýet, 11 bolmaz.
10 hajyýan: (Aşerei-i Mübeşere) şulardyr: 1. Hazreti Ebu Bekir, 2. Hazreti Omar, 3. Hazreti Osman, 4. Hazreti Aly, 5. Hazreti Abdurrahman Ibn Awf, 6. Hazreti Zübeýde Ibn Jerrah, 7. Hazreti Said, 8. Hazreti Saad Ibn Ebi Wakkaş, 9. Hazreti Talha 10. Hazreti Zübeýr Ibn Awwam (Razy Allahu Anhular) 11 piseri Ýakup, piser – ogul-gyz, perzent, Ýakup pygamberiň 12 perzendi bolup körpe ogly Ýusupdan köp wagtlap jyda düşdi, bu 11 perzent 12 bolmaz. 12 aý 13 bolmaz.
Şeýdip Aly onuň ähli soraglaryna jogap berdi. Aly Wagyza: “Eger soragyň jogabyny bilseň, bu jogaby şa gaýtalasyn, şa diýenini hem halk gaýtalasyn. Şuňa razy bolsaňyz, men soragymy aýtjak” diýdi. Hemmeler razy boldy. Aly wagyza 3 sorag berdi:

Nedir Arşda bitilmiş,
Bergi-Tuba bitilmiş,
Behişt gapa bitilmiş?

Bu ýerde Arş-asman, Tuby-jennetdäki agajyň ady, berg-ýaprak diýen many aňladýar. Soragyň manysy: “Asmanyň ýüzüne ýazylan, jennetdäki Tub agajynyň ýapragyna ýazylan, behişdiň gapysynyň gulpy bolan sözler näme?”, Wagyz pikir edip, soragyň jogabyny bildi. Kyn ýagdaýa düşdi. Bu üç soragyň jogaby: «La ilahe illalla, Muhammet resulalla» diýen sözlerdi. Öň şert edensoň ol soragyň jogabyny aýtdy. Şa, halk bu jogaby üç mertebe gaýtalady. Şeýdip bir şäher tutuşlygyna musulman boldy. Alydan nädip bu ülkä düşeniniň sebäbini soradylar. Aly başdan geçirenini bolşy ýaly aýdyp berdi. Ala köp engam, 100 müň altyn berdiler. Guş ony öz mekanyna alyp geldi. Aly 40 müň tyllany berip jöhitden ogullaryny yzyna aldy.
Aly metjide baryp bolan işleri Muhammet pygambere gürrüň

berdi. Hemmeler şat boldy. Soň namaza durdular.

Amanberdi ALLABERDIÝEW. Magtymgulyny öwreniş